# Türkmenistanda bank ulgamyny ösdürmek boýunça meýilnamalar işlenip düzüldi

***Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Hojaýarat Geldimyradow 3-nji ýanwarda hökümet mejlisinde Prezident Serdar Berdimuhamedow bilen 2025-nji ýyl üçin ykdysady, maliýe we bank pudaklaryny ösdürmek boýunça iş meýilnamalary barada hasabat berdi.***

Geldimyradow şu ýyl makroykdysady durnuklylygy üpjün etmek, sanly ykdysadyýeti ösdürmek we häzirki zaman tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça çäreleriň geçiriljekdigini belledi. Wise-premýer ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini we pudaklaryň maliýe-ykdysady ýagdaýyny seljermek meýilnamalary barada hem maglumat berdi.

Hökümet başlygynyň orunbasary Döwlet býujetiniň ähli maddalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi, maýa goýum syýasatynyň kämilleşdirilmegi, döwlet emläginiň we maliýeleriniň dolandyrylmagy boýunça çäreleriň görüljekdigini hem nygtady. Mundan başga-da, ol döwlet baştutanyny ykdysady ugra dünýä tejribesini ornaşdyrmak we kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça öňde durýan işler bilen tanyşdyrdy.

Wise-premýeriň hasabatyny diňläp, döwlet baştutany Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank pudaklaryny ösdürmek boýunça meýilnamalary makullady we olary durmuşa geçirmek boýunça işe başlamagy tabşyrdy.

Все права защищены
save pdf date >>> 25.01.2026